# Iňlisçe (we terjime edilen) tymsallar

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Iňlisçe (we terjime edilen) tymsallar IŇLISÇE (*we terjime edilen* ) TYMSALLAR

**Oskar Uaýld**

To be natural is such a very difficult pose to keep up.
Tebigy bolmak – bu saklamasy iň kyn pozadyr.

Always forgive your enemies; nothing annoys them so much.
Öz duşmanlaryňyzy hemişe bagyşlaň. Olaryň şundan beter içini ýakýan hiç zat ýokdur.

To live is the rarest thing in the world. Most people exist, that is all.
Ýaşaýyş – bu dünýädäki aňrybaşy seýrek zatdyr. Adamlaryň köpüsi diňe günlerini geçirýärler.

**Merilin Monro**

I live to succeed, not to please you or anyone else.
Men siziň ýa-da kimdir biriniň göwnünden turmak üçin däl-de, üstünlik gazanmak üçin ýaşaýan.

Boys think girls are like books, If the cover doesn't catch their eye they won't bother to read what's inside.
Erkekler, gyzlary kitaba meňzeş diýip pikir edýärler – eger-de daşky sahaby özüneçekiji bolmasa, onda ony okamagam gerek däl.

**Uinston Çerçil**

Success is the ability to go from one failure to another with no loss of enthusiasm.
Üstünlik – bu bir şowsuzlykdan beýleki şowsuzlyga tarap,

höwesiňi ýitirmezden gitmekdir.

A pessimist sees the difficulty in every opportunity; an optimist sees the opportunity in every difficulty.
Pessimist her bir mümkinçilikde kynçylyk görýär, optimist her bir kynçylykda mümkinçilik görýär.

### Mark Twen

When in doubt, tell the truth.
Şübhelenseň, çynyňy geple!

The man who does not read has no advantage over the man who cannot read.
Okamaýan adamyň, okap bilmeýän adam babatda hiç hili artykmaçlygy ýokdur.

Whenever you find yourself on the side of the majority, it is time to pause and reflect.
Siz köpçüligiň tarapynda bolan her gezegiňizde, säginmegiň we oýlanmagyň wagty gelendir.

### Koko Şanel

There are people who have money and people who are rich.
Puly bar adamlar bar hem-de baý adamlar bar.

In order to be irreplaceable, one must always be different.
Tapylgysyz bolmak üçin elmydama özgermeli (Чтобы быть незаменимой, нужно все время меняться).

Don’t spend time beating on a wall, hoping to transform it into a door.
Diwary gapa öwürmek üçin ony urmaga wagt sarp etmäň!

I don’t care what you think about me. I don’t think about you at all.
Siziň men barada näme pikir edýäniňiziň maňa parhy ýok. Men siz barada düýbünden pikirlenmeýärin.

## Stiw Jobs

Your time is limited, so don’t waste it living someone else’s life.
Siziň wagtyňyz çäkli, şonuň üçin ony kesekiň durmuşyny ýaşamaga sarp etmäň.

## Albert Eýnşteýn

Imagination is more important than knowledge. Knowledge is limited. Imagination encircles the world.
Hyýal bilimden has möhümdir. Bilim çäkli. Hyýal bütin dünýäni gurşap alýar.

Once you stop learning, you start dying.
Siz okamagy bes eden badyňyza, ölmäge başlaýarsyňyz.

Life is like riding a bicycle. To keep your balance you must keep moving.
Durmuş – tigir süren ýalydyr. Deňagramlygy saklamak üçin biz hereket etmegi dowam etmelidiris.

## Fridrih Nişse

I’m not upset that you lied to me, I’m upset that from now on I can’t believe you.
Men seniň maňa ýalan sözläniňe gynanamok, men şu pursatdan başlap saňa ynanyp bilmejekdigime gynanýan.

## Bob Marli

Some people feel the rain. Others just get wet.
Käbir adamlar ýagyşy duýup bilýär. Beýlekiler bolsa diňe ezilýär.

Who are you to judge the life I live? I know I’m not perfect - and I don’t live to be- but before you start pointing fingers… make sure your hands are clean!
Meniň ýaşaýan durmuşyma baha keser ýaly, sen kim?! Men özümiň kämil däldigimi bilýän, özümem şeýle bolmak üçin ýaşamok.

Ýöne, maňa barmak çommaltmazdan öň, öz eliň arassadygyna bir göz ýetir!



*Çeşmesi: https://pulse.mail.ru/article/interesnye-vyskazyvaniya-na-anglijskom-yazyke-so-smyslom-6536972823618998531-2752461147831602549/. 27.11.2021ý.*

Sözler